Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak
2023-nji ýylyň 26-njy dekabryndaky 149-Ö belgili
**B U Ý R U G Y**

**«Türkmenistanda tokaýy dikeltmek we agaç köpeltmek boýunça Düzgünleri we Kadalary tassyklamak barada»**

2011-nji ýylyň 25-nji martynda kabul edilen Türkmenistanyň Tokaý kodeksiniň 17-nji maddasyna we 56-njy maddasynyň üçünji bölegine laýyklykda, **buýurýaryn**:

1. Türkmenistanda tokaýy dikeltmek we agaç köpeltmek boýunça Düzgünleri we Kadalary tassyklamaly (goşulýar).

2. Şu buýrugyň ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministriň orunbasary gözegçilik etmeli.

**Ministr** **Ç.Babanyýazow**

*Ylalaşyldy:*
*Türkmenstandartlary”*
*baş döwlet gullugynyň başlygy* *M.Hojagulyýew*
*2023-nji ýylyň 26-njy dekabry*

Türkmenistanyň Daşky gurşawy
goramak ministriniň
2023-nji ýylyň 26-njy dekabrynda
çykaran 149-Ö belgili buýrugy bilen
tassyklandy

# Türkmenistanda tokaýy dikeltmek we agaç köpeltmek boýunça Düzgünleri we Kadalary

## I bap. Umumy düzgünler

1. Şu Türkmenistanda tokaýy dikeltmek we agaç köpeltmek boýunça düzgünleri we kadalary (mundan beýläk – Düzgünler) Türkmenistanyň Tokaý kodeksiniň 17-nji maddasyna we 56-njy maddasynyň üçünji bölegine laýyklykda işlenip taýýarlanyldy we Türkmenistanda tokaýy dikeltmek we agaç köpeltmek bilen bagly düzgünleri we kadalary düzgünleşdirýär.

2. Şu Düzgünler Türkmenistanda tokaýy dikeltmek we agaç köpeltmek işlerini amala aşyrýan ähli ýuridik we fiziki şahslar tarapyndan ýerine ýetirilmegine degişlidir.

3. Şu Düzgünleriň maksatlary üçin aşakdaky düşünjeler ulanylýar:

1) tokaý – iň az meýdany 0,5 gektary düzýän, iň az giňligi 3 metr bolan agaç-gyrymsy ösümlik agdyklyk edýän, biologik köpdürliligiň we tebigy gurşawyň özara baglanyşykly we özara hereket edýän düzüm birlikleriniň jemi, hem-de bu meýdanyň azyndan 10 göteriminiň proýektiw örtügi;

2) ekilen tokaýlar – tohumdan ekmek ýa-da nahalyny oturtmak arkaly döredilen tokaý ekinleri;

3) agaç – beýikligi 2 metrden pes bolmadyk, bir düýbi ýa-da birnäçe golçury bolan, ýokary başly agaç ösümligi;

4) gyrymsy agaç – topragyň üstünden şahalanýan, esasy baldakdan aýdyň tapawutlanmaýan we agaçdan pes boýy bilen tapawutlanýan baldaklary bolan köp ýyllyk ösümlik;

5) tokaý gaznasy – Türkmenistanyň tokaý bilen örtülen çäginiň, şeýle hem tokaý hojalygynyň hajatlary üçin niýetlenen, tokaý bilen örtülmedik çägi;

6) tokaý eýeleri – tokaý gaznasynyň bölekleriniň ýerinden möhletsiz peýdalanmak hukugy berlen döwlet guramalary;

7) tokaýdan peýdalanyjy – Türkmenistanyň Tokaý kodeksinde bellenen tertipde, tokaýdan möhletli peýdalanmak hukugy berlen ýuridik ýa-da fiziki şahs;

8) tokaýy dikeltmek – tokaý gaznasynyň ýerleriniň öň tokaý bolan meýdanly tokaýlaryny dikeltmek (üznüksiz öndürmek) boýunça çäreler;

9) tokaý ekinleriniň düýp tutujylygy – saklanyp galan ösümlikleriň, olaryň umumy ekilen mukdaryna bolan göterimde aňladylan gatnaşygy;

10) köýük – agajyň ýangyn bilen ýok bolan, täze nesli bolsa, heniz döredilmedik tokaý meýdany;

11) tokaýyň zyýankeşleri – tokaý agaçlaryna zeper ýetirýän organizmler.

4. Tokaýy dikeltmek we agaç köpeltmek bilen bagly işler Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrliginiň (mundan beýläk – ygtyýarly edara) teklipnamasy boýunça Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanylýan ýörite maksatnamalara we taslamalara laýyklykda geçirilýär.

5. Tokaýy dikeltmek we agaç köpeltmek işleri Türkmenistanyň dürli sebitleriniň suw, toprak, howa şertlerine laýyklykda hem-de ykdysady taýdan amatly, öňde baryjy usullar we tehnologiýalar arkaly amala aşyrylmalydyr.

6. Tokaý gaznasynyň çäklerinde dikeldilýän we döredilýän tokaý meýdanlaryna aşakdakylar degişli edilýär:

1) tokaýlaryň çapylan, ýöne garaşylýan möhletlerde tebigy dikelmegi bolup geçmedik meýdanlar;

2) tokaýlaryň ýangyndan soň tebigy dikelmegini gazanyp bolmaýan meýdanlar;

3) tokaý bilen örtülmedik ýerler, şeýle hem tokaý örtügi 0,1 – 0,2 dereje bolan seýrek tokaýlyklar;

4) ekologiýa we ykdysady taýdan ähmiýeti az bolan, gaýtadan dikeltmeklik üçin niýetlenen tokaýlar;

5) çöllerde, daglarda we beýleki ýerlerde zaýalanan, tokaýsyz meýdanlar.

## II bap. Tokaýy dikeltmek we agaç köpeltmek işleri geçirmegiň kadalary

7. Tokaýlary dikeltmegiň maksady tokaýlary çapylmalardan, köýüklerden we öň tokaý gaznasynyň tokaý eýeleýän çäklerinde öz wagtynda dikeltmek, tokaýlaryň tohum düzümini gowulandyrmak, tokaý gaznasynyň ýerleriniň rejeli peýdalanylmagyny üpjün etmek bolup durýar. Türkmenistanyň çäginde tokaýlary dikeltmek we agaçlary köpeltmek işleri diňe emeli ýol bilen nahal oturdulyp ýa-da tohum ekilip amala aşyrylýar.

8. Türkmenistanyň Tokaý kodeksiniň 56–njy maddasyna laýyklykda, tokaýlary dikeltmek şu aşakdaky esasy talaplary berjaý etmek bilen tokaý gaznasynyň ýerlerinde amala aşyrylýar:

1) tokaý dikeldiş işlerini geçirmek üçin tokaý bilen örtülmedik tokaý ýerlerini ilkinji nobatda bermek;

2) tokaý ösümlik şertlerini hasaba almak bilen hojalyk gymmatly tohumlar bilen çapylmalaryň hökmany tokaýlaşdyrylmagyny üpjün etmek;

3) tokaýlaryň tohum düzümini gowulandyrmak we önümliligini olaryň goraýjylyk we gurşaw döredijilik häsiýetlerini ýokarlandyrmak;

4) tokaýlaryň tebigy dikeldiş ukyplaryndan has ýokary peýdalanmak;

5) tokaýlaryň genetik gaznasyny we biologik köpdürliligini abat saklamak.

9. Tokaýlary dikeldiş işleri tokaý gaznasynyň meýdanynyň eýeleriniň üstüne ýüklenýär.

Tokaý dikeldiş işlerine şertnamalaýyn esasda tokaý baýlyklaryndan peýdalanyjylar çekilip bilner.

10. Türkmenistanyň çägindäki ähli ýerlerde tokaýlary dikeltmek işleri emeli ýol bilen amala aşyrylanda şu aşakdaky usullary ulanmak arkaly ýerine ýetirilýär:

1) tokaýy dikeltmek üçin Türkmenistanyň toprak-howa şertlerine ýaramly agaçlaryň görnüşleri kesgitlenýär;

2) Türkmenistanyň tokaýlarynyň toparlarynyň haýsy hem bolsa birine gabat gelýändigi anyklanýar (çöl, dag, derýa boýundaky, suwarymly ýerlerdäki tokaýlar, gorag tokaý zolaklary, şäher tokaýlary we başgalar);

3) topragy ekişe taýýarlamak işleri (sürüm, ýumşatmak, tekizlemek, haşal otlary aýyrmak we başgalar) agrotehniki talaplara laýyk berjaý edilýär;

4) eger-de tokaý agaçlary, suwarymly şertlerde ösdüriljek bolsa, onda suwaryş ulgamy (adaty, damjalaýyn, mehanizmleşdirilen we başgalar) gurnalýar;

5) ekiljek agaçlaryň hatarlary kesgitlenýär, oturdyljak nahallaryň ýerleri bellenilýär we ekiş işleri berjaý edilýär.

11. Ekilen tokaýlaryň idegi şu aşakdakylardan ybarat:

1) topragy ýumşatmak, haşal otlary aýyrmak, suwarmak, dökünleri bermek we tokaý ekinleriniň ýitgileriniň üstüni dolup durmak;

2) tokaý dikeldilýän meýdanyň töwereginde tokaýy ýangyndan goramak üçin gorag sürüm zolaklaryny geçirmek we Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda ýangyn howupsuzlyk çäreleri berjaý etmek;

3) tokaýlaryň zyýankeşlerine, kesellerine garşy göreşmek we sanitariýa ýagdaýyny gowulandyrmak işlerini amala aşyrmak.

## III bap. Tokaýy dikeltmek we agaç köpeltmek boýunça işleriň netijeliligine baha bermek

12. Türkmenistanyň Tokaý kodeksiniň 56-njy maddasynyň bir belgili altynjy bölegine laýyklykda, tokaýy dikeltmek we agaçlary köpeltmek boýunça işleriň netijeliligi, şol sanda ekilen ýa-da oturdylan tokaý nahallarynyň düýp tutmaklarynyň kadalary, "Türkmenstandartlary" baş döwlet gullugy bilen ylalaşylmagy boýunça Ygtyýarly edara tarapyndan kesgitlenilýär we aşakdaky ýagdaýlarda kadaly hasap edilýär:

1) suwarymly ýerlerde tokaý zolaklary dikeldilende, döredilende, oturdylan agaç nahallarynyň 75 göterimi ýa-da ondan köpüsi düýp tutan bolsa;

2) daglarda we dag etegindäki ýerlerde suwarymsyz (düme) şertlerde tokaý agaçlaryndan, arça (diňe oturtmak arkaly), pisse, badam we beýleki tokaý dörediji agaçlar oturdylanda ýa-da ekilende olaryň 45 göterimi ýa-da ondan köpüsi düýp tutan bolsa;

3) çöl ýerlerde çöl ösümlikleri şitilden ekilende 45 göterimi ýa-da ondan köpüsi düýp tutan bolsa;

4) zolaklaýyn sürmek arkaly çöl ösümlikleriniň tohumyndan ekilip tokaýlaşdyrmak, öri meýdanlaryny gowulandyrmak işleri geçirilende 1 gektarda gögeren ösümlikleriň düýp sany 250-den az bolmasa.

13. Eger-de, oturdylan agaç nahallarynyň düýp tutujylygy:

1) suwarymly ýerlerde – 75 göterimden 25 göterim aralygynda;

2) dagda we dag eteginde suwarymsyz şertlerde – 45 göterimden 25 göterim aralygynda;

3) çöllük ýerlerde – 45 göterimden 10 göterim aralygynda bolsa, onda agaçlaryň ilki başdaky gürlük derejesine çenli üstüniň dolunmagy zerurdyr.

14. Düýp tutujylygy 25 göterimden (çölde – 10 göterimden) az bolan tokaý ekinleri hasapdan öçürilmäge we täzeden ekilmäge degişlidir.

15. Ekilen Gidrometeorologiýa bölümi tokaý agaçlarynyň gutarnykly düýp tutujylygy güýzki tükellemeden we üstüni dolmak işleri geçirilenden soň, ikinji ýylda kesgitlenýär. Eger-de ekilen agaç nahallarynyň düýp tutujylygy kadadan pes bolsa, olaryň tokaýdaky gürlügi kada ýetýänçä, üstüni dolmak işleri diňe iki ýylyň dowamynda geçirilýär.

16. Türkmenistanda ekilýän ýa-da oturdylýan tokaý agaçlarynyň gögerijiliginiň hem-de düýp tutujylygynyň peselmegine esasan suw, toprak we

howa şertleriniň kynçylyklary sebäp bolýar. Edil şonuň ýaly hem ekilen tokaý agaçlarynyň ýok bolmagyna tebigy betbagtçylyklarynyň (sil suwlary, güýçli ýeller, harasatly tupanlar, doly, çabgaly ýagyşlar, tozanly tüweleýler we şuňa meňzeş tebigy hadysalary) sebäp bolmagy mümkin. Şeýle ýagdaýda tebigy betbagtçylykdan soň bir aýyň dowamynda, tebigy howa hadysalarynyň hasabyny we gözegçiligini amala aşyrýan, Ygtyýarly edaranyň Gidrometeorologiýa bölümi tarapyndan berlen degişli resminamasyny hökmany suratda goşmak bilen, tokaý ekinleri kanunçylykda bellenilen tertipde hasapdan öçürilýärler.

## IV bap. Tokaýy dikeltmek we agaç köpeltmek boýunça jogapkär ýerine ýetirijiler we gözegçilik edýän edaralar

17. Tokaýy dikeltmek we agaç köpeltmek boýunça işleri tokaý gaznasynyň meýdanlarynyň eýeleriniň üstüne ýüklenýär.

18. Türkmenistanyň çäginde, tokaýlary dikeltmek we agaçlary köpeltmek boýunça işleri şu aşakdaky jogapkär ýerine ýetirijiler amala aşyrýarlar:

1) ygtyýarly edaranyň Tokaý hojalygy müdirligi we tokaý hojalyklary;

2) Tokaý hojalygy babatda ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary.

19. Tokaýy dikeltmek we agaç köpeltmek boýunça gözegçiligini aşakdaky edaralar amala aşyrýarlar:

1) Ygtyýarly edaranyň Tokaý hojalyk müdirligi;

2) Türkmenistanyň Döwlet tokaý goragy;

3) Türkmenistanyň beýleki degişli ygtyýarly döwlet edaralary.

20. Tokaýlar dikeldilende gözegçiligi amala aşyrýan edaralaryň hasabynda (balansynda) tokaý ekinleriniň ýokdugyny bellemegi zerurdyr.

21. Şu Düzgünnamanyň talaplarynyň bozulmagy üçin günäkär şahslar Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda jogapkärçilige çekilýär.

Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan
2024-nji ýylyň 26-njy ýanwarynda 1765 bellige
alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan.